# Duman daganda: Pikir gytçylygy ýumuk gözleri açýar

Category: Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Duman daganda: Pikir gytçylygy ýumuk gözleri açýar



- **Pikir gytçylygy ýumuk gözleri açýar**

Ýazuwly hasabatlardaky maglumatlara ynansaň, ähli zat gül-alagüllük, kemçilik diýleniniň ady-sory ýok. Raýonyň ähli ugurlarynyň pese gaçanlygy sebäpli, halkyň ýaşaýşy hem

ýaramazlaşýardy, şol sebäpli närazy gürrüňler hem köpelip başlady:
– Planymyzy altmyş prosent dolsagam aýlygymyz altmyş manat, ýüz ýigrimi prosent dolsagam şol atlmyşlygy.
– Gowaça, gowaça diýip janymyzy alýarlar, biz bolsa pagta öndürip, haram neýlon geýip gowrulyp ýörüs.
– Indi näçe ýyldyr, iýmit, geýim şo gymmatlap gidip barýar.
– Be-e, bi durmuş diýlen şeýdip pese gaçar gider oturarmyka, hi muňa janyýangynly, akylly-başly adam ýolbaşçy bolmazmyka?
– Men-ä çagalarymyň geýmine pul tapamok, duldegşir goňşymyň çagasy meňkidenem kän weli, täzeje Mersedes minýä, gurduran jaýy Buharaň köşgüne kölege salýa. Içimiň ýanýan ýeri: ol-a togsan manat aýlykly ykdysatçy, menem togsan manat aýlykly kitaphanaçy.
– Pukaralyk gursun diý-de goýaý, men zeýrenip başlasam, agzymdan ýalyn çabyrar.
– Başlykdyryn diýdi, derňewçidirin diýdi dünýäni iýdiler, süňküne çenli gemirdiler.
– Haýsy gapyny açsaň, parahor agzyny açyp otyr, uly bozgakçylyk bar ýerinde uly wezipelileriň eli bolaýmaly.
– Balyk kellesinden çüýreýä diýmänmidirler.
– Diňe biziň kiçijik raýonymyzda ýedi sany millioner bar diýýä. Işçi ýa daýhan däldigini özüňem bilýänsiň.
– Üç gatly jaý saldyryp, çişip oturan öý eýesi meniň basinji synpa çenli synpdaşymdy, soň okamady, hünärsiz galdy, indi tirýek satýa. Şonuň tirýek satýanyny biz bilýäkäk, çigni pogonly-pogonsyzlar bilýän däldir öýdýärmiň?! – Bir ýere başlyk bolan diňe özüni bilýä, men jan, özgeler badamjan diýýä. Garamaýaga göz aýlajak tapylmazmyka?
– Bu gidişine uzak gitmejegi belli-le, bir kenara baryp urlar.
– Baýlar bilen garyplaryň arasy örän giňeldi.
– Uruş ýyllaryndan daşlaşdygymyzça ýetimler öýlerindäki çagalaram azalar diýip pikir edýärdik. Emma onuň tersine bolup çykdy. Ozalynda, aglaba, ata-enesi ölen ýetim çagalar saklanan bolsa, indi ata-eneli ýetimleriň köp getirilýänini, çaga dogrulýan öýde taşlanyp gidilen ýetimleriň artýanyny bilýäs-ä.
– Bu gün perzendini cop taşlan ýaly taşlanyň ertir nämeler

etjegine aklym haýrandyr.
– Be-e, pikir edip otursaň, durmuşyň bulaşykdygyny ýetimleriň köpelişindenem bilip oturmaly ýaly-la?!
– Her ýetimiň ýüzünde ýumrulan maşgalanyň harabalygy görünýä.
– Magtymgulynyň: ”Gömüldi deryalar, ýykyldy daglar” diýeni geldi öýdýän?!
– Ähli belanyň aňyrsynda neneňsi wagşynyň dilini ýalmandyryp, guýrugyny bulap ýatanyny halk bilmeýä.
– Biz nirä barýas, biz nirä barýas?!
Halk içindäki bu gürrüňleri Baýry hem, Kasym Kulyýewiç hem bilýärdi. Kasym Kulyýewiç keýplenýärdi, aýasyny aýasyna tiz-tiz sürýärdi. ”Gül ýaly, ğül ýaly. Suw bulandygyça balygy tiz tutup bolýar” diýýärdi. Emma Baýrynyň jany ýanýardy, näme etmelidigini açyk aýdyp bilmeýärdi. Oba hojalygynyň müň meselesi bar. Nämeden başlamaly? Sorag jogapsyz galýar. Goýy dumana sereden ýaly bolýar.
“Ynha, Baýry, saňa sapak. Öz ýoluňy tapmasaň seniňem ahyrda düşjek günüň bellidir-dä. Ýo-ok, men özgeleriň ýalňyşyny gaýtalasym gelenok. Hekimow müň bir sapalakly tilkidir öz-ä. Menem seresap bolmasam bolmaz. Wezipä aldanan kişi bolup görünmeli-dä. Meni öz adamsy hasaplar ýaly edip bolsa. Ýöne ol ýylana awy berendir, aňsat-aňsad-a aldadybermez. Olam-a şeýledir weli, başga bir zadama belli: ýeser sapalaga güýçli emel etmeli». «Hile hem bir batyrlykdyr ýerinde, Ony başarmaga kişi gerekdir». Romanlar